# Şükür, meni taşlap gitmänsiň ylham…

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Şükür, meni taşlap gitmänsiň ylham… ŞÜKÜR, MENI TAŞLAP GITMÄNSIÑ YLHAM…

Şükür, meni taşlap gitmändir ylham,
Üzülmändir heniz ýürek tarlary.
Eredip kalbyma ýagan garlary,
Ynjan göwnüm galkdy, tapyndy melhem,
Synlap ýazyň çeken nepis keşdesin,
Bilbilleň saýraşýan sesin eşdesim
Gelende ýatladym, küýsedim seni,
Şükür, ylham, taşlap gitmänsiň meni.

* * *

Köşeşdirip, kalba dolan ezýetim.
Bahar geldi, çemen alyp eline.
Kalba şatlyk paýlap, ajap gözýetim
Älemgoşar guşanypdyr biline.
Gülälekler maýsalardan saýlandy,
Haly düşelen deý sähra, çöllere.
Gözellige joşup, başym aýlandy,
Kuwwat geldi, biraz gowşan billere.
Keşde çekýär, ýazyň çeper elleri,
Yhlas edip her bir çiten gülüne.
Daglaram bürenip, elwan gülleri,
Meňzäp otyr uz kürteli geline.
Bulutlaram öňküsi deý gara däl,
Üýşmek pamyklary ýadyňa salýar.
Güneşem göýä-ki bişen pyrtykal,
Şatlyk nurun saçyp, asmana galýar.
Neneň guwanmaýyn bu gözellige,

Kalbym ruhlanyp, heýjana gelýär.
Köpden bäri teşne bu hezillige,
Eneler şadyýan, çagalar gülýär.
Hanha kebelekler, han-ha kekene…
Bahar, meň dermanym sende eken-ä.

* * *

Gitme, ylham, meni taşlama ýalňyz.
Sen meniň hossarym, men sensiz ýetim.
Menziller aşmaly, ýetişmeli tiz,
Sen meniň hyjuwym, ganatly atym,
Meni ýeke goýup ýüwürip gitme.

Gitme, bereýin men kalbymda baryn ,
Seni ýeke -ýalňyz syrdaşym saýyp.
Diňe seň baryňda men ýaşap ýörün,
Sensiz men özümi duýaryn maýyp,
Meni ýarpy göwrä öwürip gitme.

Gitseň meni özüň bilen alyp git,
Meniň ýüregimi soguryp gitme.

Azat NURGELDIÝEW. Goşgular